# Şähribossandan özge goşguçy gelin-gyzlara atalyk maslahatym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Şähribossandan özge goşguçy gelin-gyzlara atalyk maslahatym
ŞÄHRIBOSSANDAN ÖZGE GOŞGUÇY GELIN-GYZLARA ATALYK MASLAHATYM

Gadymýetden bäri zenan maşgala
Läle kakyp, hüwdi aýtmak lazymdyr.
Indi weli bu kadalar bozulmyş,
Gelin-gyzlar şygyrýete bazyňdyr.

Goşgy ýazýar yşka düşen näzenin,
Bu babatda gije-gündiz ýatuw ýok.
Gyz ýüregne talaň salan ýigitleň
Dat gününe: – Indi neçün atuw ýok?

Şahyr edýän borly yşkyň heseri,
Goşgy ýazýan zenan köpelip barýar.
Görmedim içinde läle kakany,
Hesret gelinleri çökerip barýar.

Bukjaňyzda goýup goşgy galamyn,
Eliňizde bolsun sallançak bagy.
Gowsy, täsin hüwdüleri dörediň,
Näme gerek namart hakdaky agy?

Maslahatym, ine, size gelinler,
Goşgudan iş bolmaz, goşgyny taşlaň.
Unutmaň siz ata-baba ýoluny,
Läle, monjugatdy, hüwdüden başlaň.

Gaýma gaýaň, nagyş salyň enaýy,
Ýazyň tagam bereketli saçaga.

Aglap-eňräp goşgy ýazyp ýörenden,
Ýaşaň şeýdip al salyplar goçaga.

Goşgy erkek kişä berlen serpaýdyr,
Siz, gelinler, tanaweriň hetdiňiz.
Hüwdi aýdyp, läle kakyň öýňüzde,
Goý, guwansyn şonda size Betdiňiz…

02.06.2022. Goşgular